# Şir hudanyñ penjesi / taryhy powest

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şir hudanyñ penjesi / taryhy powest ŞIR HUDANYÑ PENJESI

*Awtor Hojanyýaz Amanow 1930-njy ýylda Türkmenistanyň Gökdepe etrapynyň Körsagyr obasynda kolhozçy maşgalasynda doguldy. H.Amanow 1949-njy ýylda Aşgabat pedagogik uçilişesini gutarandan soň, Gökdepe etrapynyň 2-nji mekdebinde mugallym bolup işe başlady. Ol 1951-nji ýyldan başlap Türkmenistan döwlet neşirýatynda uly korrektor bolup işledi. 1953-nji ýyldan başlap Aşgabatdaky ýuridik mekdebiň diňleýjisi boldy, şonuň bilen bir wagtyň özünde hem Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýuridik fakultetiniň gaýybana böluminde okady. 1955-nji ýyldan başlap Türkmenistan SSR-niň hukuk goraýjy organlarynda işledi. 1971-nji ýyldan başlap ol Türkmenistan SSR Halk magaryf ministrliginiň ýokary we ýörite orta okuw jaýlary uprawleniýesiniň uly inspektory, naçalnigi bolup işledi. 1976-njy ýyldan başlap Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jenaýat hukugy we jenaýat prosesi kafedrasynyň starşiý mugallymy, dosenti, professory bolup işledi, häzir hem şol kafedranyň müdiri bolup işleýär. H.Amanow Ýuridik ylymlarynyň kandidatlygyny goralýan sowetiň başlygy, ýuridik ylymlaryň doktory, professor. Ol ylmy işleriň 100-den gowragynyň awtory. Ol SSSR-iň medaly, TKP MK-nyň, Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň we Türkmenistan SSR Ministrler Sowetiniň Hormat haty bilen sylaglandy.*

**Eziz atam Söýün Serdaryň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn!**

- SÖZBAŞY

Biziň türkmen halkymyz diňe durmuşyň gün-güzerany üçin, adam şekilli ýaşaýyş üçin çekilýän gündelik kynçylyklaryndan başga-

da Garagum bilen Köpetdagyň aralgyny eýeläp oturan ýowuz hem gözel ülkä göz gyzdyran birnäçe talaňçylaryň hem pidalary bolupdyrlar. Biziň ýurdumyzy basyp alanlaryň-da, almaga synanyşan, paltasy daşa degenleriň-de sany-sajagy ýokdy. Olardan has iriräkleri Isgender Zülkarnaýnyň, araplaryň, Çingizhanyň, Teýmir agsagyň, ruslaryň basybalyjylykly uruşlarydyr. Türkmenleriň bölek taýpalarynyň üstünde bolan talaňçylykly uruşlardan irirägi Näzdepäniň çapylyşy, Hurmant gökjäniň talanyşy, Gireý gyrgynçylygy (Gyzylarbat urşy), Şarlawuk urşy, Welagyz urşy, Goç we Zaw uruşlary, Bamy we Börmäniň çapylyşy türkmen halkynyň taryhynda baslygyp ýatan ganly sahypalar bolup haýal edilmän öwrenilmeli wakalardyr. Türkmeniň men-men diýen är ýigitleriniň şol söweşlerde Watan üçin gaýduwsyz söweşendiklerini bilýäris. Aýratyn hem 1855-nji ýyldaky Hywa hany Mädeminiň goşunlarynyň Saragt sebitlerini basyp almak maksady bilen çozup, soňra bolsa ýeňlip gitmeginde, 1858-nji ýylda Garrygalada eýranly Japarguly hanyň goşunyna berk gaýtawul berlende, 1861-nji ýylda Maryda Eýran patyşasynyň goşunlarynyň çym-pytrak edilmeginde türkmeniň gerçek ýigidi, häzirki Bäherden iliniň Hankäriz diýilýän obasynda ýaşap öten Anan onbeginiň ýuwlugy, Garry baýyň çowlugy, Mürrük baýyň agtygy, Döwletýar baýyň ogly, teke hanlarynyň hany Nurberdi hanyň uly orun tutýandygyny belläp geçmek zerurdyr. Şol söweşlerde Nurberdi hanyň şir dek batyrlygy, uruş tilsimlerine örän ezberligi, paýhaslylygy adalatlylyk bilen görkezilen şol söweşleriň şaýady Abdysetdar Kazynyň 1862- nji ýylda ýazan «Jeňnama» atly düýpli öwrenmäge mynasyp eserini ýatlamagyň ýaşlarymyzy terbiýelemekde orny örän uludyr.

1879-njy ýylda basybalyjy rus goşunlarynyň gökdepeliler tarapyndan çym-pytrak edilmegi ýaly öz ýurduny goramakda Ahal iliniň görkezen batyrlyklaryny we şoňa meňzeşleri mysal getirip, biziň ata-babalarymyzyň hiç wagtam namartlyk edip, söweşsiz öz ýurduny taşlamaýanlyklaryny ýaşlara aýdyp bermegiň ähmiýeti örän uludyr. Ýöne biz zeýrenip basybalyjylara gargap ýörmegiň netijesiniň ýokdugynam ýaşlara aýtmalydyrys. Ol zamananyň bireýýäm geçendigini, ýöne ýükli geçdigini unutman,

indi biziň taryhymyzda täze eýýamyň gelmegi bilen özbaşdak Türkmenistan döwletimiziň pajarlap ösmegini gazanmalydyrys. Şol ösüşde öz döwletimiziň güllemegi üçin her bir türkmeniň özüniň önjeýli goşandynyň bolmalydygyny ýatdan çykarmak bolmaz. Onsoňam Türkmenistan döwletiniň we başga garaşsyz döwletleriň döremegine, öňki SSSR-iň düzümindäki soýuz respublikalaryň öz dillerine, dinlerine eýe bolmagyna Allatagalanyň emri bilen Mihail Gorbaçýew sebäp bolandyr. Bu üýtgeşiklikler biziň üçin geň garaşylmadyk zat. Säbäbi ynha 1980-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda-da, ýagny 1985-nji ýylda-da öz dilimiz, dinimiz we garaşsyzlygymyz barada pikirem etmändik.
Men şujagaz kitapçamda size ýetirjek bolýan taryhy maglumatlarymy beýan edip başlamazymdam öň okyjymdan ötünç soraýaryn, ýagny, men özümiň size tanyşdyrjak bolýan taryhy wakalarymyň içinde türkmenleriň teke taýpasynyň başyndan geçiren hakyky wakalaram bar, geçmişde bolup geçen basybalyjylaryň eden wagşylyklaram bar. Kitapçada musulman dinini esaslandyryjy Pygamber huda Muhammet we Allanyň şiri Hezret Aly barada gysgajyk maglumatlar bar. Munda musulman dininiň esasynda türkmen halkynyň edim-gylymlarynyň kä ýagdaýlary özüniň ornuny tapandyr. Ýöne kitapçanyň içinde wakalary azajyk ulaldan ýerlerimizem bardyr. Çeper hakykat taryhy hakykatdan tapawutly bolmak bilen, ulaltmany edebi maksatlara hyzmat etdirýär.
Kitapçada ýaşlara söýmäni, söýdürmäni, söýgä wepaly bolmagy başarmalydygam nygtalýar. Okyjyny birneme gyzyklandyrmak üçin şeýle usula ýüz urlandyr.

## ■ GOWGALY GÜNLER

Tekeleriň utamyş taýpasynyň syçmazynyň kör sagyr, galyberse-de erkeç tiresinden bütin bir käriziň eýesi, şol kariziň suwunyň eýgerip biljek iýmişli mülki, ýüz töwerek arwana düýesi, 300-400 töweregi goýun-geçisi, 5-6 sany sagylýan sygry, ahal-teke tohumynyň syra syrtyndan saýlanylyp alnan çapar aty we münäýmäge ýakymly ýorga atyň eýesi Ahally-gökdepeli Atamyrat

baýyň ogul perzendi bolmandyr. Ýöne nalajedeýin ençe ogla degip duran görmegeý, nurana, düşbüligi bilen söhbetdeşini haýran galdyrýan, akylly-paýhasly, oturyşy-turşy, edep-ekramy hakyky türkmenlere mynasyp Hallygözel atly bir gyzy bolan.
Ol döwürler türkmen halky üçin biynjalyk – alamançylyk döwri eken.
Kölege gürrüňde erkek kişileriň üýşmeginde biri: «Tüweleme gözden-dilden allatagalaň özi gorasyn. Atamyrat agaň Hallygözel diýen gyzy mertlik, batyrlykda-da, ar-namyslylykda-da edenli erkek adamyň tutan ornuny tutjak» diýse, oturanlaryň ýene biri: «Ol gyzyň emelini, güýjüni goýaý» diýip, tarypyny ýetiripdir. Şu ýerde «Erkeç» diýlen sözüň peýda bolmagyna sebäp bolan ýagdaý hakda kelam agyz aýdaýyn. Teke türkmenleriniň syçmazlarynyň körsagyr tiresiniň içinde ady belli söze çeper, görnükli ar-namysly batyr Abdylla guş begi diýen gerçek ýigidiň gara reňkli ýyndam ahalteke aty bolupdyr. Şol atyň adyny Erkeç diýip tutýan ekenler. Ol örän ýyndam bolup toýlarda geçirilýän atçapyşyklarda onuň öňüne geçip bilýän at bolmandyr. Şonuň bilen baglylykda-da Abdylla guş begleriň toparyna-da «erkeçliler», «erkeçler» diýlip ugralypdyr. Soň-soňlar Jotbatyr erkeç, Atamyrat erkeç, Söýün erkeç, Gara erkeç bolup gidiberipdirler. Ine, şeýlelikde körsagyr taýpasyndan iki dogan – erkeç hem-de Alaça-gapan tireleri döräpdir.
Atamyrat agalaryň Sary gaçak diýen bezzat, Sary gaçak diýseň diýäýmeli bir daýaw erkegi bolan. Uly Garadönde Atamyrat agalaryň düýe agyly ýerleşipdir. Bir gezek Sary gaçak agyldan böküp çykýar-da, inen düýä gyzyp, guýynyň başyna gelýär. Ony tutjak bolup ýanyna golaýlaşýan adamlardan gaça durup, ýüzüni dik ýokary tutup keýerjekläp durýar. Ýöne Hallygözel ol erkegiň ýanyna arkaýyn barýar. Ine, birden Hallygözel onuň guýrugyndan ýapyşýar. Olam alla niçiksi bolup bükürdikläp gaçyp ugraýar. Hallam onuň yzyndan aldygyna ylgap başlaýar Erkek ýaňy bir bat alyp ylgap ugraýar welin, ine, birden güpläp ýykylýar. Edil şol halatda-da çopan-çoluk ylgaşyp baryp, Sary gaçagyň baglar ýaly ýerini berk baglap daňýarlar. Bu ýagdaýyň nähili bolanyna-da düşünmän galýarlar. Sol görüp

otursalar, asyl Sary gaçagyň eminden gelýän şol gyz eken. Batly gaçyp ugran erkegiň guýrugyny gapdala towlabrak art aýagyna kakyp goýberýän eken. Ýöne ol emellerem örän güýçli bolaýmasaň puja çykjagy belli ahyryn. Hawa-da «Emeliň seresi güýçdür» diýlip ýöne ýerden aýdylýan däldir ahyryn» diýip, Hally baradaky gürrüňe goşulyp, ol barada ilki söz başlanyň gürrüňini hasam gyzykdyryp goý- berýär. Aýallaryň edenlileriniň gaýratly erkek adamdan gaýra durmaýanyny şäher1 urşunda-da telim ýola görlüpdir. 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwar güni Gökdepe galasynyň bir diwarynyň aşagyna partlaýjy element goýup, partladanlaryndan soň, garyşyp urşulyp, deň bolmadyk adam sanynyň güýçli ýaragyň zoruna bäs gelip bilmedik ahal tekeleri ýeňlenlerini boýun almaly bolupdyrlar.
Gökdepe galasynyň üstüne umumy hüjüme geçilende ganhor general Skobelewiň «Tekeleri rehim etmän, gyrmaly» diýen görkezmesini gollanyp, ilki polkownik Kuropatkiniň otrýady gaçyp barýan bigünä bosguny – garrygurty diýmän, aýal-ebtat, çaga-çuga diýmän gyrýar.
Üç sany rus atlysy bir ýaba artlaşykly münen iki juwanyň yzyndan kowup başlady. Talaňçylaryň niýeti şolaryň ikisinem gylyçdan geçirip, ýüzün salyp barýan dor aty ele salmakdy. Kowýanlar bilen gaçýanlaryň arasy ýygjamlanyp barýardy. Bolaýsa iki ýüz ädim çemesi galypdy.
– Häý, zwer, stoý! Dur gaýratyň bolsa!… Duran ýeriňde janyňy gabyz ederin. Ýöne jan aga diý-de, eliňi galdyrda duruber. Heý seniň bir… – diýip kowgynyň başyny tutup barýan kazak agzyna gelenini samraýar welin, ol sözleri gulak eşider ýaly däl. Sebäbi ol käpiriň agzyna alýan sözleri şindize çenli kagyz ýüzüne ýazylan sözler däl. Bu iki biçäräniň başyna gelen pajygaly waka bilen sizi tanyşdyrmak üçin gaty dözümli daş ýaly ýürek gerek. Şol wakany bolşy ýaly ýazjak bolsaň, gözüňe bolmasa ruçkaňam gan ýazyp barýan ýaly.
– Wah, Çaryýarjan, niräňden degdi? Aýagyňda gan görünýärle?
– Meniň özüm-ä duýamok. Aý çala sypjyrandyr-da.
Şol Çaryýar dagynyň yzyndan kowgy giden üç atlynyň biri ofiser eken. Ol ofiseriň ýüreginde ýaş juwanlara sütem etjek boluşlaryna ökünçmi, rehimmi, garaz, üýtgeşik duýgy döräpdir.

Ol duýgusyny batyrgaý aýan edip bilmese-de, ýüz-keşbinden bildirip dur. Ol ofiseriň özi kawkazly musulmanlardan bolup, ruslaryň häzirki wagşyçylykly hereketini oňlamaýan bolsa-da, ýaş juwanlaryň gül ömürleriniň kül boljakdygyna dözmedik bolsa-da biçeme däl eken[2].
Çaryýar özüniň gara dere batan ýüzüni bürgüt penjelerine ilen uly ýaglyk bilen süpürdi. Onsoň ol Bibigülüň içki duýgusyny aňjak bolup, merdemsi äheňde:
– Eý Bibigül jan, maňlaýmyza nämeler ýazyldyka?
Öňümiz gaty garaňky görünýär-le? – diýip, ýeke-ýetimligiň şol zamana mahsus bolan köp külpetlerini gerdende çeken göwresini Bibigüle tarap öwürdi. Görse dünýäde iň süýji lezzetleriň biriniň eýesi Bibigül mähirden doly gözlerini özüniň söýgülisine dikip oturypdyr. Çaryýar söýgülilere mahsus bolan mylaýymlylyk bilen sag elini gözel gyzyň boýnundan salýar-da, özüne garşy çekýär. Bibigül hem ýumry göwüslerini Çaryýaryň goltugynda duýansoň, dym gyzyl bolan demriň üstünden gödekleç çekiç bilen urlanda sandalyň üstüne ýelmeşip, süýnüp gidişi ýaly söýgülisine ýelmeşäýjek bolup gysmyljyraýar.
Çaryýar oňa göwünlik berýän äheňde al ýaňaga dodagyny basýar. Çaryýaryň bu posasy çölde tebsirän adamyň agzyny çelegiň agzyndan aýryp bilmän bar demi bilen soruşyna meňzeýärdi. Bibigül hem onuň galagoplugyny artdyrmajak bolýan ýaly merdemsi jogap berýär.
– Başa gelen külpetiň öňünde ýüz çytman durmaklyk biz söýgülileriň mukaddes borjumyzdyr. Kynçylykdan, ölümden, aýralykdan, mysapyrlykdan, horlukdan gorkýan ýigitden ýigit bolmaz. Gerçek ýigit özüniň söýgülisiniň meýli üçin, özüni gara daşa urar, onuň hiç zatdan hederi bolmaz.
Ol sözüni has batyrgaý dowam edip;
– Munuň ýaly üstüne agyr howp abanyp durka, gyssagara beýle sözleri tapmaklyk maňa başartjak zat däldir. Men seniň üçin şirin janymy häzir alsalaram, ýüzümi çytman bererdim. Türkmenleriň sözünde durmaýan, söýgüli ýaryna biwepalyk edýän, başyna agyr iş düşende sözünden dänýän gyzlary ýokdur. Asla bolmaly hem däldir. Elbetde häzirki wagşy ýagdaýda, duşmanyň bizi aýaman rehimsiz darajaklygyna hakylym ýetýär. Bize,

aşyklara guwanmaly adamlar seniň mährem ejeň bilen meniň eziz, ejemdir. Emma ol guwançlardan meniň hem seniň hem tamamyz bolmaly däldir. Bu söýgüniň şirin lezzetini dünýäde iň bagtly ýigit sorup biler. Düýbi düz, maksady hasyl bolan kynçylyga kynçylyk hem diýip aýtmak bolmaz. Şeýle-de bolsa biz ikimiz diňe şu gözel atyň üstünde alyşan süýji posalarymyz üçin, diňe şonuň üçin janymyzy pidalamaly bolarmykak diýip pikir edýän – diýende Bibigül ýüzüne has hem görk berýän gara gözlerine çalaja ýaş aýlanyny duýman galýar.
Çaryýar söýgülisiniň agyr pursatda tapýan sözlerinden monça bolup:
– Berekella, Bibim senden tamamam şeýledir – diýdi.
Bular şol sürüp oturyşlaryna gidip barýardylar.
Çaryýar aty säpjidip barşyna birden yzyna öwrülip;
– Bibigülüm, şol suwly jürdegi bärik alsana, bokurdagymy ölläýin!
– Wi-i, häý haýran galmyş, oýa-a gaçaýypdyr. Asyl torbaň özem ýok.
– Onda hyrlynyň oklaram gaçandyr.
– Olaram şu jürdekli torbadamydy?
– Hawa, ataýypdym-da, näbileýin. Jübüme atsamam-a bolardy welin.
– Aý bähbit bola.
– Körsagryň deňesine-hä gelipdiris. Ýöne men gaty suwsaýan. Tüýküligim agzymdan gaçmajak bolýar. Bu näme boldugyka? Edil haýyr işe şeýtan aralaşan ýaly, edenimiz ugruna bolmajak bolup dur – diýip, Çaryýar özüniň ykbalyndan zeýrenjek bolýar.
Atyň ýadap, ysgyndan düşýänligi aňdyrýardy. Ilki bada dogumly dik basýan at, loňk-loňka, soň bolsa halt-halta başlady. Soňabaka mytdyllap ýöremäge-de haly galmadyk ýaly bolup görünýärdi. Tosun atyň ýadandygy, onuň ýygy-ýygydan ýer ysgap, durmaga hyýal edýänligindenem mälimdi. Elbetde janawer suwsandyram. Düýn berin suwa ýakyldymyka? Kim bilýär, düýnem suwa ýakylany belli däl. Sebäbi aýratynam soňky 6-7 gün bäri galanyň içinde gala-gopluk artypdy. Ýörelen ýol onçakly daş dälem bolsa, ozal bir adam götermäge endik eden haýwanyň üstüne iki kişiň münmegi, aty örän ýadadypdy. Bibigül sülük

ýaly barmaklaryny Çaryýaryň guşaklygyndan aýyrdy-da, ýaş ýigidiň göwnüni galkyndyrýan göwsüniň aşak etegine gerilgi öňap-basylaryndan penjeläp, günüň gyzdyryp barýan näzik bedenini salkynlatmak üçin, gyrmyzy köýnegini silkişdirip uludan dem aldy.
At debsilenmäge başlandy. Janawer ýadapdyr, ýogsa oňa debsilemegiň geregi ýokdy. Gaçgaklaryň göwnüne bolmasa, ýol has hem uzalyp barýan ýalydy. Söýgülileriň her wagtky gyzgyn posalary suwsuzlyga we ýadawlyga azajyk teselli berýärdi.
Bibigülde egsilmez gaýratyň, gujuryň, gözelligiň, näzikligiň, mylaýymlygyň we mähribanlygyň yşaratlary bardy.
– Çaryýar jan! Bu golaýda suwuň bar ýeri ýokmy? Eger bir gara atmasaga bize başga bela gerek däl! – diýip, gelin näzik gollaryny söýgülisiniň daşyna hytaý gülüniň çyrmaşyşy dek çolaýar.
– Ah, güler ýüzlim Bibigül jan! Eger sähel haýal-ýagal etsek yzymyzdan kowgy ýeter. Olar ýetäýse, iň bolmanda biz olaryň garşysynda-da durup biljek däl. Biziň bagtymyza hyrlynyň oklary hem galypdyr. Olar yzarlap gelýärkäler içi okly torbany tapyp, içindäkileri hem görerler, bizi ýanymyzda okuň ýokdugyny bilip, has hem ekezlenerler – diýip, Çaryýar boýnundan asylgy iki şahly hyrly tüpeňiň ýylmanak gundagyny sypalaşdyrdy – ýow güni ýigidiň ynamdar ýoldaşy, aty, ýaragydyr. Mende şol zatlaryň ikisem bar. Ýöne ok ýok-da. Eger şolar üpjün bolanda duşman bilen şu alyň ala meýdanynda söweşe girerdim-le…
Kowgularyň barha ýakynlaşýandygyna Çaryýar perwaýsyz sereden bolsa-da, şindiz beýle-beýle gowgalary başdan geçirmedik ýaş ýigidiň ýüregi gopmanam duranokdy. Ol içinden «Kowgy arany ýygylapdyr. Muny Bibigüle aýtsammykam ýa-da aýtmasammykam? Ýa-da köne türkmenlerimiziň ýel ýürek gorkak adamlar barada «Çaňlap gaçar düzde duman ýoluksa» diýenleri bolaýarmyka? Aý her niçigem bolsa eziz syrdaşyma, meniň ölen ýerimde öljek, diri ýerimde maňa guwanjak mert ýigitleriň duran ýerinde durup maňa goltgy berjek söwer ýaryma duýduraýyn». Onsoňam Çaryýar: käbir aýallaryňky ýaly jögüligiň, howsala düşmegiň Bibigülde ýoklugyny ýadyna saldy: «Her niçikde bolsa, olar gaty golaý

gelmänkäler duýduraýyn». Sebäbi Çaryýar gerek ýerinde, Bibigülüň hem näzik barmaklary bilen gylyç baljagyndan tutup, duşmana garşyma-garşy durjakdygyna ynanýardy. Bu gözel gyzyň işde-de, söweşde-de edermen ýigidiň duran ýerinde durjakdygyna Çaryýar birjik-de şübhelenmeýärdi. Ýöne her zadam bolsa Bibigül bir heniz beýle-beýle şatyny görmänsoň onuň bilen gaty sowukganly gürleşmeli. Çaryýar pikir öwrüp, duşmanyň gelýändigini aw aňtap ýören awçylara duşan hyrsyz dag gaplaňyny ezber garry awçynyň ýaş awça (ol gorkup aljyraýmasyn diýen maksat bilen) dag pişijegi mysalynda kiçeldip görkezişi ýaly, söz açdy:

– Bibigül, ol gelýänler arany has ýygaldaýdylarmy?

– Olaryň arany ýygaldýanyny men häldenem görýän. Ýöne saňa duýdurmaýyn diýip gelýärdim weli, özüňem göräýipsiň. Çaryýar jan näme bolsa şol bolsun, Gökdora ten berde sürüber! Başa düşenini görübereris – diýip, Bibigülüň örän sowukganlylyk bilen arkaýyn gepleşi Çaryýary haýran galdyrdy.

Söwer ýarynyň merdemsi jogabyndan göwni biten Çaryýar.

– Bibigül jan, dosta wepalylygyň iň aýgytly synaglarynyň we gujur gaýratyň agramyny sallarlanyp görülýän ýeri bolan boz meýdanda ýetip gelen ganym duşmanyň öňündäki synagdyr – diýip, ýene atyny gyssady.

Beýle ýagdaý, kowgynyň ýetip gelmegi gaçyp barýan iki juwanyň halyny agyrlaşdyrýardy. Ylaýta-da, gyzyň kalbynda ynjalyksyzlyk döredýärdi.

Her halda söýgülisiniň mähri, duşmana bolan ýigrenç ony birneme merdemsilendirýärdi. Seýislenip, ýören dor atyň hem lälikligi, tosunlygy gözel gyzyňkydan kem däldi. Muny hem ömründe görmedik agyr ýüki, irginsiz ýöremek, suwsuzlyk halys aljyradypdy. Bularyň ikisindenem çydamlysy, owal ýetimligiň ençe hunabatlaryny başyndan geçiren Çaryýardy. Ol sowukganlylyk bilen.

– Bibigül jan, kowgy gelýänleriň kimlerdigini beri saýgaraweri! Ätiýaç eder ýaly adamlarmy ýa ýöne adamjyklarmy?

– Iň öňden zyrmyrlyp gelýän iki dik papakly ors esgerleri. Has yzdan löküdikläp gelýän iki egni ýalpyldawyk zatlynyň kimdigini heniz gaty saýgaramok. Şeýle bir eýmener ýaly

adamlar-a däldir welin, başardygyňdan gatyrak sürüber! Heý bir özümizi ýardam berjek gara atyp bilmezmikäk? Duşmany äsgermezlik edip, oňa kembaha bermek bolmaz.
Kowgularyň atýan oklary söýgülilere gyltyzrak degip ugrady.
– Çaryýar jan, saňa ýene bir ok degäýdi öýdýän?
– Aý, et ýarasyla, zyýanly ýerimden degenok. Ýüzleý sypjyryp gidipdir. Haý ýöne Bibigül jan, biziň okumyzyň galaýyşy ýeser-dä. Ýogsa-ha şu käpirleriň gursagyndan otlardym. Maňlaýlary zor eken-dä. Gaýyp atajana ýetip barýarys.
– Bolmasa ikimizem düşäýeli. Öňi-soňy ýetip gelýärler. Meniň-ä suwsuzlykdanam bokurdagym gurap, ýüregim ýanyp gelýär – diýip, Bibigül zarynlady[3].
– Ýöne gaty gaýratly bolgun. Bu çöllükde duşman bilen mert duşuşmak her kişiň işi däldir. Bu janaweriňem art aşyklysyndan urupdyrlar – diýip, Çaryýar kowujylaryň içini ýakmak maksady bilenmi ýa-da bolsa aşyklaryň biri-birinden ömürlik aýrylyşmaly mütdetleri ýakyn gelenindenmi nämemi Bibigüle göwünlik berdi. – Biziň ýaşajagymyz-ýaşamajagymyz belli däl.
Aşyklysyndan ok degip, büdräp barýan aty saklagadan, atdan düşdüler-de, biri-birini berk gujakladylar.
Bu bolşy gören käpirler has gylaw aldylar. Ekabyrlandylar. Indi yzlaryndanam ýetdiler. Aşyklaryň töwereginden at salyp, iki ýana geçýärler. Göni ýanlaryna geläýmäge-de çekinýärler.
Onsoň esgerler atdan düşüp, her haýsy bir seliniň düýbüni peýläp, atmaga başlady. Atylýan oklaryň jaýdar degýäni ýok. Sebäbi aşyklar hem bir oýtajykda mazalyja bukulypdylar. Emma kowgy gelenler dyngysyz atýardylar.
Birden Çaryýar ýerinden turdy-da:
– Eý bigaýratlar, geliň başa-baş gylyçly urşalyň! Mende tüpeňiň oky ýok. Okumyz ýolda galypdyr! – diýdi-de, ýalaňaç gylyjyň baljagyndan tutup, gös-göni olaryň üstüne ýaraly ýolbarsyň tüpeň okunyň çykan ýerine okdurylyşy ýaly okduryldy. Käpirleriň biri gaçdy. Beýlekisiniň ýatan ýeri has açygrakdy, ýöne ol hem gaçdy. Soldat hem gaçýar, hemem ýetişibildiginden beýleki ýoldaşyna gygyrýar.
– Eý soldat, gaçma. Oky ýok ahyryn, nämä gaçýaň?
Ol soldat töweregini garaman gaçyp baryşyna:

– Gaç-gaç, elinde okly hyrlysy bar. Atymyny aňtap atar – diýip, kä yzyna seredip, kä seretmän gaçyp barýar.
Yzdaky atly hem gelip ýetişdi. Bu gelen şol iki tüpeňliniň eli gylyçly bir adamdan gaçyşlaryna haýran galyp durdy, içindenem: «Haý ýigid-ä gaýratly ýigit eken. Öldürmäge dözer ýaly däl. Bir özi birnäçe adama taý geljek, dag bürgüdi eken – diýip, göwrümine geňeşdi-de, ýene Kuropatkiniň «Şolary diri tutup getirseň, bir haç sylagyň bar» diýeni ýadyna düşüp, tüpeňiň gulagyny çekip goýberdi. Ok baryp Çaryýaryň bir injiginden geçdi. Çaryýar ýykyldy. Bibigül baryp Çaryýaryň üstüne ýykyldy-da ýüzünden-gözünden ogşamaga başlady. Çaryýar ýerinden galjak boldy, emma galyp bilmedi.
– Bibigül jan mert bol! Seň gözüň alnynda ölsem armanym ýok.
– Ah, jiger bagrym! – diýip, Bibigül gözünden düwme-düwme ýaş goýberdi. Şol pursatda murtlak ofiseriň tüýlek penjesi Bibigülüň ýagyrnysyndan gulagynyň towuk jüýjejiklerini penjelişi ýaly berk penjeläp, ony Çaryýaryň üstünden çekip aýyrdy. Onýança beýleki esger hem ýetip geldi-de:
– Siziň aly jenabyňyz oňarmadyňyz! Meniň hut özüm şol haramzada bilen başa-baş gidişjekdim – diýip, sözüni soňlap-soňlamanka Çaryýar dyzyna galdy-da, esgere gylyjy bat bilen salgady. Emma degmedi. Özem golunyň badyna yranyp, tas ýykylypdy.
– Eý, erkeksumak, meýdimiň üstüne dyzan bolýaň. Henizem bolsa golaýragyma bir gelsene!
– Bek dur haramy – diýip esger gowadaklap, Çaryýaryň ýanyna barmaga çekinýär. Ýöne ýanyna baryp bilmese-de, agzyndan geleni porsaýar. Ikinji esger Çaryýaryň ýeňsesinden gelip, gylyjyny saldy. Emma Çaryýar öz gylyjy bilen soldatyň gylyjyny kakyp goýberdi welin, esgeriň gylyjy elinden sypyp bäş ädim dagy beýläk zyňylyp gitdi. Çaryýar tiz dyzanaklap bardy-da, esgeriň gapdalyndan gylyjy sünjüp goýberdi. Emma gylyç gowy işlemändir. Onýança ýeňseden gelen beýleki esger tüpeňiň gundagy bilen Çaryýaryň boýnunyň çykan ýerine doňdurdy. Çaryýar özünden gitdi. Esger özüni bilmän ýatan Çaryýaryň üstüne atlaýyn mündi. Bibigül bu ahwalaty görüp, murtlak pyýadanyň elinden sypjak bolup dyzady. Emma bu dyzaýyş daýaw

çopanyň saklap duran owlajygynyň enesine dyzaýyşyndan enaýy däldi.
Esger Çaryýaryň üstünde oturan ýerinden: «Men bu gurrumsaga kimiň kimdigini oňatja görkezerin» diýdi-de sag jübüsinden päkisini çykaryp, gymyldaman ýatan Çaryýaryň sag gulagyny düýbünden kesip goýberdi. Çaryýar ýatan ýerinden uludan bir ah çekdi. Öz söýgülisiniň bu zaryn ahyna Bibigülüň endam-jany jümşülläp gitdi. Bibigül saklawyň aňka-taňkalygyndan peýdalanyp, onuň elinden sypdy-da, ylgap baryp, ýerde ýatan jöwher pyçagy esgeriň çep pilçesiniň aşak ýanyndan ýaglawyna barýança ornaşdyrdy. Esger çasly ses edip gygyrdy-da, takyr ýere bulap urulan gurbaga ýaly ýazyldy ýatyberdi. Pyçak mazalyja işlän bolara çemeli. Emma Bibigül barýança esger Çaryýaryň çep gulagyny hem dulugy-sulugy bilen ýülmäp aýran eken. Bu bolşy gören beýleki esger gany gyzgynlyk edip, ýalaw ýaly gylyjy Bibigülüň depesinden inderjek bolan halatynda murtlak ofiser soldatyň iki elini hem arkasyndan gujaklap saklady.
Bibigülüň sagrysyna ýetip duran gara saçy perişan halda ýüzünde bulaşyp dur. Emma bu bulaşyk saç onuň görküni çigit ýaljak hem kemeltmeýärdi. Bibigülüň häzirki bolup durşy elinden awyny aldyran laçyna meňzeýärdi. Ine bu duran gözel gyzyň niresi näzenine meňzemeýär? Saçy-da, göwsi-de, boýy-da, otlukly garaýşy-da her bir ýaş ýigidi özüne ýesir etjekdi. Ofiser geň galdy. Bu iki bosgunyň biriniň gyzdygyna göz ýetiripdi.
Bibigülüň bu bolup durşuna gözi düşen murtlak pyýada:
– Ah, gözel gyz! Saňa diňe Çaryýar mynasyp ekeni welin, olam wagşy zamanyň gurbany boldy-da – diýip, gynanýan şekilde ýüzüni çytdy.
Ýogsa bu murtlagyň elindenem birnäçe adamlaryň jany jesedinden çykypdy. Hyrsyzlykda, rehimsizlikde muňa-da taý gelip biljek adam az-azdy. Ol mähriban eneleri agladyp, ellerinden çagalaryny gaňryp alardy-da, neresse çagajyklary mal hökmünde satardy. Şeýle-de bolsa Bibigülüň häzirki halyna ol murtlagyň hem ýüregi bozuldy, rehimi indi.
Bu waka Gaýypatanyň ileri ýanyndaky takyrlykda bolupdy.

Bibigülüň pyçaklan esgeriniň ölenine göz ýetirip, ony şol ýerde taşladylar-da, Bibigülem atyň öňüne basyp, Gökdepe galasyna garşy at goýdular. Töweregini garaman gaýtdylar. Sebäbi bular bu aşyklary kowalap, kelleleri gyzyp, öz ordalaryndan arany mazaly açanyny duýdular. Indem ýeke galaýandyrys öýdüp, howsala düşüpdiler.
Murtlak maýor bu oljasyny Kuropatkiniň ýanyna-da eltmän, gös-göni Skobelewiň huzuryna alyp bardy, özem Bibigülüň edermenligine haýran galandygyny oňa gürrüň berdi. Skobelew Bibigülüň edermenligine, görmegine, syratyna geň galdy. Onuň kellesine her hili elhenç, pygyllar geldi. Ine birdenem ukudan oýanan ýaly bolup: «Baryň bu gyzam Zülpükara[4] tabşyryň, goý Eýrana äkitsin. Men gyzy öz halkyna wepalylygy, batyrlygy üçin, hiç zat bilen deňäp bolmajak owadanlygy üçin öldürtmäge dözjek däl – diýip buýruk beren.
Eý, generalsumak Skobelew, seniň şeýle wagşyçylykly eden-etdiligiňi, heý-de, türkmen halky ýadyndan çykararmy, bagyşlarmy? Seniň dözýänligiňi, dözmeýänligiňi Çaryýar ýaly gerçeklerimizi, gara gözli, näzik bedenli gelin-gyzlarymyzy, söýgülilerinden aýra salyp, ganhor penjeleriňe salyp rehimsiz mynjyradanyňda-da, ýüzi nurana ýaşulularymyzyň, aýal-oglan-uşaklarymyzyň zaryn gargyşlaryna galyp, ol dünýä ibereniňizde-de göz ýetiripdik, sen bütin dünýä ýüzüne ýüzi gara yrsuwy bolduň. Seniň ýalkanjak gumanyň ýokdur. Sebäp sen ýüz müňlerçe ejiziň ganyna galdyň, gargyşyna galdyň. Ol dünýä bir çelek tabyt bilen general lybasyndan başga äkiden zadyň bolmaz.
Gözüne gan inen ganhor general Skobelew[5] gün batanda[6] yglan edipdir. Galanyň içinde ýarym serhoş esgerler ot gorsaşyp ýörkäler bir tümüň3 agzynda bir garry adam oturan eken. Eli ýaragly üç esger içgiň zorundan aýaklarynam dogry basyp bilmän entirekläp ýaşulyň ýanyna barýarlar. Ýaşuludan hiç hili gaýtargy bolar öýtmän, bar pikir-niýetlerini olja ýa-da başga betpygyla baglaýarlar. Ümsüm oturan ýaşuly ýeňiniň içinden gyrkylyk çykaryp bir esgeriň garnyndan sokan. Ýöne ýaşulynyň özem beýleki esgeriň pidasy bolýar. Şol pursat tümden çykan iki sany ýaş gelin we 17-18 ýaşlaryndaky bir uly gyz duýdurman baryp ellerindäki dokma keseri bilen iki

esgeriňem janyny jähenneme iberýär» – diýip, oturanlaryň ýene biri gürrüňe goşuldy.
Ýandaklyagyzly Gurbangeldi:
– Ynha, biziň Muhammet gulymyzam Gökdepe galasynyň tümünde doglandyr. Adamlar, ynsanyň ykbaly her hili pidalara sezewaram bolýan ekeni, oňa dözem gelýän ekeni. Bir wagtlar parahat oturan halkymyzy Eýranlylar talaýarlar diýip, biz ar-namys üçin dagdan aňryk aşyp, Agamämmet ýaly özüne göwni ýetýän alamanbaşy gyzylbaş serdaryny öz keteginden jan penalary bilen tutup, atyň öňüne alyp gelmäni başarýarkak özümizden göwnümiz hoşdy. Indi gör öz ýurdumyzda ahlaksyz, arakkeş, Skobelewiň nökerleriniň sütemine kaýyl bolmaly bolduk – diýip, öz hakynyň eýesi sada halkynyň başyna basybalyjylaryň salan towkusyna, eden sütemine namys edip, gahardan tarap gany depesine urup uludan demini aldy-da hyrçyny dişledi.
Oturan adamlar ondan-mundan gürrüň açyp, başa iş düşende adamlaryň tanadýanlygynam, erkegi-aýaly ýok ikisinde-de ýüreklileriniňem, gorkak gurrumsaklarynyňam bardygyny ýatladylar.
Ýöne oturanlaryň gürrüňi ýene-de Hallygözele ugrukdy. Gepiň gysgasy Hallygözeliň akyl-paýhasy, edermenligi arşa çykaryldy.
Bu bolsa ýaşy segsene ser uran gojanyň gürrüňi: – Günlerde bir gün «Goňşy obadan Tekeleriň arap tiresinden Myrat özüniň ýeke ogly Öwez üçin Hallygözele söz aýdyp gelenmiş» diýen gürrüň ýaýrady. Myrat baý nirä uzatsa eli ýetip duran barly adam. Hywa, Buhara gidip söwdä-satygam edýärdi. Ogly Öwezem «atarman-çaparman» edenli ýigitdi. Türkmen halkynyň hakyky gerçegi Hallygözele mynasyp ýetginjekdi. Obadaşlary: «Atamyrat aga baýyň zadyna gyzyp gyz berjek adam-a däldir. Hallygözelem Öweze mynasyp gyz. Bu nika jüpüne düşen nika bolsa gerek. Hemmä-de Hudaý ýetirsin» diýenem tapyldy. Gepiň gysgasy. Hallygözeli Myrat baýyň ogluna gelnaljylap, uly toý tutup alypdylar. Hallygözel gaýdyp gidende ene-atasynyň beren teke halysy, şaý-sepi we başga öý goşy dört inere ýük bolanmyş.
Ýöne bu maşgala şowlulygy uzaga gitmändi. Myrat baý söwdasy oňup Buharadan dolanyp gelýärkä Lebap sebtinde içinden atly dalak diýilýän tutup, tarpa taýyn amanady tabşyraýypdyr. Myrat

baýyň meýdini öýlerine getirenlerinden soň köp wagt geçmänkä aýaly pahyram ýagty ýalançy bilen hoşlaşaýypdyr. «Görsene adamyň döwleti gaýdanda başyna düşen bagtsyzlygyň yzly-yzyna geliberýändigininiň çeni-çaky ýok eken. Hudaý jan daş etsin. Öwezem Hallygözel bilen bir ýyldan azajyk «gowurak ýaşandyr-da, Keletäň dik ilerisinde Çäşdepe diýilýän ýerde awa gidende dagyň gaýasyndan aty bilen gaýdyp, heläk bolupdur. Görseňizläň, adamyňky gaýdanda öňünde durjak zat ýok eken. Edil degirmen daşynyň beýik dagdan aşak togalananda onuň öňüni alyp bolmaýşy ýaly, gaýdan döwletiňem öňüni alyp bolmajak eken. Ýöne Hudaýyň özi rehim etsin. Hallygözel pahyr az wagtyň içinde gara ýurtda gazarylyp galdy oturyberdi» diýişip, obadaşlary gaty gynandylar. Hallygözeliň bar umydy, gelejeginden inçe tamasy olam bolsa aýagynyň agyrlygydy.

* * *

*Ösüş ýüze çykýar garşylyk bilen*
*Geçmişi itekläp bu täze gelen.*
*Ötendir ol dewrüş hany han bolup,*
*Gerçeklermiz ötdi jana-jan bolup.*

Atamyrat aga şeýle wesiýet etdi: «Söýün, Söýün, Söýünhan», sen indi uly adam. Men bolsam garrapdyryn, indi şu giden mal-mülkümiň eýesi sen bolmalysyň. Bize ýurdy başgalamaly pursat ýetdi. Bu ýapyşan kesel indi meni sypdyrmaz. Şeýle-de bolmaly. Bu dünýä gelen kim irräk, kim gijräk gidibermelidir. Bu bir daş ýola köp bolup gidilene meňzeýän zatdyr. Ine, barýansyň uly ýol bilen. Ep-esli ýöräniňden soň gidip barýanlaň biri galar, soň ýene biri. Gapdaldan goşulanam bolar. Kim irräk, kim gijräk, kim wagtynda, kim biwagt. Ýagty jahanyň oýny şeýle-dä. Ýöne her kime wagtragynda abraý-iman bilen ölmek nesip etsin. Öň gelen öň gitsin. Gowusy şoldur» diýip, ol ýolugan keseliň özüni sypdyrmajagyny bilip, ölümini boýnuna alyp, gyzyndan bolan ogul agtygyna göwünlik beriji dünýewi gürrüňleri edip bererdi. Babasynyň öljek gününiň ýakynlaýandygyna gözi ýetip duranam bolsa Söýün her sapar: Baba, edýän gürrüňiň nähili, keseliňi bolşy ýaly aýdyp, Garaja

hojama derman maslahat bermegini haýyş edenimizde: «Enşalla gutular, berhiz tutup horukmasyn, Atamyrat aga ir-iýmiş ýetişip başlanda gutular» diýýär-diýip babasyna göwünlik bererdi. Hojam aga gutular diýmän, Atamyrat aganyň öljek wagtyny aýdypdy. Garaja hojaň diýeni ýaly hem boldy. Atamyrat aga şol ýylyň 2-nji iýulynda düwnük keselinden aradan çykdy. Ýene jan berende-de durmuşda bolşy ýaly, hiç ejizlemän, rahat ymyzganan ýaly bolup amanadyny tabşyrdy.
Şol döwürler Turan topragy gaty biynjalykdy. Il içinde Buhara emirligi Mary sebitine çozanmyş, ýer suw üstünde Mary tekeleri bilen saryklaryň arasynda düşünişmezlik barmyş. Eýranly Japarguly han gökleňleriň üstüne çozanmyş. Ýöne teke hany Nurberdi han öz goşuny bilen eýranlylary derbi-dagyn edenmiş. Orus patyşasy bütin Turan düzlügindäki musulmanlaryň hemmesini öz raýatyna geçirjek bolup her hili hilegärlikler edýärmiş. Eýranlylar Näzdepä çozanmyş, olar Änewde-de talaňçylyk edýärmişler. Gökdepe etrapyna «ot ýakdyrmaýan» alamançylaryň serdary Agamämmet kürtmüş, ony atylýan ýarag bilen üpjün edýän, tekeleriň üstüne küşgürýän ruslarmyş. Gepiň gysgasy şoňa meňzeş gürrüňler köpdi.
– Eje, indi parahat oturan halkymyzy Agamämmet ýaly galtamanlar talap ýörmelimi? Bar mal talaňy, öý-goş talaňy owarram diýseň, ýaş gelin-gyzlary, oglan-uşaklaram öz ýurtlaryna äkidip, gul-gyrnaga öwrüp satmagy sütemiň aňrybaşy dälmi? Näme indi tekeler gyrylaýypmy ýa-da ar-namyslaryny iýdilermikä?
– Aý oglum, türkmenler bir geçirimli sada halkdyr. Gaýratam bardyr, ar-namysam. Ýöne bir başyny tutup, gerçek ýigitlerimizi talaňçylaryň garşysyna galdyran gerek.
Nurberdi hanyňam Mary iline başyny alyp gidişi bolaýdy öýdýän. Olam yzynyň aladasyny edýän hana meňzänok. Ýogsa, bolman-da, Agamämmet ýaly eşek ogrulary şeýder ýörermidi!
– Eger şeýle bolýan bolsa, maňa çyn ýürekden ak pata berseň, Babamyň bize miras goýup giden mal-mülküni seniň razylygyň bilen şul adalatly işe bagyş edeýin «Ýatyp galandan, atyp gal» diýipdirler. Belki ilimiziň asuda ýaşamagyna nepim degäýedi-dä.

– Eý balam, ejiz halka sütem edýän açgöz talaňçy ganhorlaryň garşysyna men heý-de zat gysganarynmy. Ýöne seniň ol uly işe ýolbaşçylyk etmäge, entek başyň ýaşmyka diýýän, ýaňy 28 ýaşyň bar. Güýç-kuwwatyň daşyndan köp durmuş tejribäň bolmaly. Köp külpetleri başyndan geçiren, ýeri gelende töweregiňi gurşap alan adamlaryňam gylyk-häsiýetlerini oňat bilýän adam bolmaly. Men öz halkymy gowy tanaýan. Sada, geçirimli, myhmansöýer, ar-namysly, ýeri gelende duşmanyň öňünde döşüni gerip bilýän durnukly, dosta wepadarlyk ýaly adamzadyň gowy taraplaryndan başga halkymyň bir kemçiligi bar, olam bolsa – bäsdeşlik, gedemlikdir. Bäsdeşlik diýilýän zat ýamanam däl. Ýöne bäsdeşligiň görüpbilmezlik, görüplige baryp ýetäýýän wagtam bolýandyr. Aýratyn ýaramaz tarapy hem bäsdeşlik gedemlik bilen birikse iň ýamanam şoldur. Ine şeýle adamlar içimizde gaty azam bolsa garaz bardyr. Ol adamlaram seniň ýaş başyňa dalaş etjek bolar. Şo tetelli adamlaryň pis pygyllaryny bilip, ýaman matlaplaryny ýüze çykaryp bilseň, onda işiň rowaç bolar. Görip adamlar bir kişiniň edeni ugruna bolup ugranda hasam janygýarlar, bäsdeşlikleri göriplige öwrülýär. Ine, onsoň şeýle adamlar içimizde gaty azam bolsa garaz, bardyr. «Oň bizden nämesi artykmyş» diýen şeýtan pyglyna gulluk edip ugraýarlar. Onsoň olaryň sylajak, gaýgyrjak adamsy bolmaz. Şeýle adamlar özleriniň iň ýakynyna-da kast eder diýilse – ynanaýmalydyr.

Ýöne adamzadyň ýene bir hili bardyr, olam: «Ölmez şanyň nökeri» diýilýänidir. Şonuň ýaly adam durmuşda gaty bir halanmasa-da şu pany dünýäde baky dostam, baky duşmanam bolmadyk diňe baky bähbidini gözleýän adamdyr. Beýle adam köp ýagdaýda utýandyr.

Ýagşy adamyň ýagşysyny aýdyp, abraýyny artdyrjak bolmaly, ýamana ýaman diýip ýaman pälinden gaýtarjak bolmaly. Başga-da çylşyrymly gylyk-häsiýetli adamlar köpdür. Iş salyşýan her bir adamyň haýsy akyla gulluk edýänini bilmegem her bir baştutanyň üstünligidir.

– Eje, sen meniň üçin, diňe ýöne bir eje däl-de hem maslahatçym, akyldarym, penakärim. Meniň üçin her hili horluklary başdan geçiren. Diňe meniň bähbidim üçin öz

durmuşyňy isledigiňçe gurup bilmedik adam. Men seniň öňünde ölýänçäm bergidardyryn – Şeý diýip, Söýün bokurdagyny dolduryp bozuljak boldy. Ýöne özüniň başlajak bolýan işi bilen gözýaşyň, ejizlemegiň çapraz geljekligi ýadyna düşüp, özüni dürsäp merdemsiredi. Emma ejesi Hally weli gözýaşyny näçe saklajak bolsa-da, saklap bilmedi. Başdan geçirenleri Hallyň kalbynda gaýtalandy. Bular onsoňam eziz görýän ýeke dikrary, arkadaýanjynyň mylaýym sözleri ýiti gün şöhlesiniň ýumşan gary eredişi ýaly ejesiniň göwün taryna kakdy, ony örän tolgundyrdy, asyl horkuldap aglamaga mejbur etdi.
– Be, eje, nätdiň? Seni men-ä aýal diýip hasap edýän däldirin. Men oglankam ejizlämde-de sen dirneklidiň. Seniň horkuldap aglanyňa ömrümde birinji gezek gabat geldim.
– Aý uglum, aýal aýaldyr-da. Sen dünýä inmäkäň gurrumsaklaryň başyma getiren oýunlary ýadyma düşüp bozulaýdym. Seni gözüm görüp durka, meniň gözýaş etmäm küpürlikdir. Küpür bolmagam taňrynyň duşmany bolmakdyr. Hudaýa ýüzde müň şükür. Sen meniň arka daýanjym, hossarymsyň. «Birim bar müňüm bar» diýipdirler. Agtyjaklamma guwanmak nesip etsin-dä, Hudaýym.
– Eje, indi meniň özüm üçin saýlap alan ýolum, olam bolsa öz halkymy Agamämmet ýaly talaňçylardan halas etmek. Şol ýoldanam ýüz dönderjek däl, galanynam Allatagala oňarsyn-da. Men öz halkyma ýarar ýaly bir iş etsem şonda armanym galmaz. Bu dünýä gelip, «Gury geldim boş gitdim» bolasym gelenok. Belkäm dünýä boş durmazlyk üçin gury san bolup döredilen bolmaýadymda. Heý beýle-de bir zat bolarmy? «Bu gün ol obany talapdyrlar, ertesi negözel adamlary ýesir edip äkidipdirler». Adam öz öýünde arkaýyn ýatyp turmasa, ondan ýaşaýyş bolmaz. Eje, maňa gowy düşün. Il halkyma: «Şu ýigidä hakyky gerçek ýigit eken. Öz halky üçinem janyny gurban etmese armanly boljak adam» diýdirmesem, onda meniň ýürek matlabyma ýetmedigim bolar. Men öz ömrümi guýudan suw almak üçin sallanan ýüpli bedre hasaplaýaryn. Halkyma peýdasyz süren ömrümi guýudan suw alman boş çykan gowa hasaplaýaryn. Onsoňam her bir işe baş goşjak bolamda seniň ak pataňy alman, seni razy etmän işe başlaman, öň ýaşrakkam nädogry düşünjä gulluk edýän ekenim. Olam bolsa maslahat soralýan, akyl alyşylýan adam diňe erkek adamdan

bolýarmyka diýen düşünjä gulluk edýärdik. Emma beýle däl ekeni. Başy gyňaçlyňam bir küren obaň maslahatçysy bolup bilýänine göz ýetirdim.
– Eziz oglum, menem seň ejeň-dä. Halkyňa ýarar ýaly işe baş goşjak bolsaň, öz obaňdan ýakyn obalardan hüý-häsiýetiň alyşýan edenliräk ýigitlerden ýygnap bir maslahat et. Seniň etjek bolýan işiňi olar goldaýarlarmy, ýa-da… Onsoň olaram özlerine ýaran gözlesinler.
Şondan soň ejeli-ogluň maslahaty bilen obada uly hudaýýoly berildi. Öz diýen ýigitlerinden bir toparyny bir öýe ýygnap, Söýün olara ýüzlendi: «Eý ýigitler, men sizi ýygnamagymyň esasy maksady siziň bilen pikir alyşmak. Biz näme öz göbek ganymyzyň siňen ýurduny Agamämmet ýaly talaňça haçana çenli basgyladyp gezmeli? Adamlar öz öýünde arkaýyn ýatyp bilenoklar. Hany biziň ar-namysymyz? Biziň halkymyz azragam bolsa Göroglynyň, Keýmirkörüň nesli ahyryn. Hany biziň öz ýurdy, halky üçin janyny gaýgyrman oda urýan, göbek ganynyň siňen topragyny goraýan teke ýigitlerimiz? Ýa-da olar namysyny ýuwdan, ejizini zalymlardan gorap bilmeýän, şolaryň ykballary bilen gyzykmaýan nalajedeýin geçilere öwrüldilermi?
Söýün erkejiň ajarly sözleri oturan ýigitlere ukudan «täh» diýlip oýarlan ýaly täsir etdi. Olaryň gaharlary gelip ganlary depelerine urdy, Şol pursatda inçemik, syratly demirýüz ýigit ýerinden turdy-da:
– Söýün, mus-mus diýme-de öz matlabyňy aýt. Şu oturanlaryňam ary-namysy, gaýraty, ikimiziňkiçe barmyka diýýän – diýdi.
Ýigitleriň içinde ýerinden turjak, söz aýtjak bolup gobsunanlar köpeldi.
Bally men mus-mus diýmän, Musa diýmeli bolsam, şol Agamämmet talaňçynyň soňuna çykmaly. Ol haçana çenli biziň aýal-oglan-uşaklarymyzy gözümiziň öňünde bagyrdyp süýräp alyp gitmelimiş ýa-ha başymyzy jemläp, agyz birikdirip, özümize kybapdaş ýigitlerden goşun toplalyň ýa-da başymyza gyňaç oranyp, alamançylaryň eden-etdiligine, zorluk-sütemine kaýyl bolalyň. Men dogrusy gany gyzgynlyk, göçgünlilik edip, paýyşrak sözleýänem bolmagym mümkin. Ýöne meni bagyşlaň, dostlar. Meniň indi çydam käsäm doldy. Men öňräkden bäri çişip ýörün. Kim

meni goldap, maňa ýaran bolsa, şol garakçy her deminde bir adam iýýänem bolsa, şonuň bilen garpyşjak. «Agamämmediň ordasy bilen çaknyşyp, Söýün ölüpdir» diýdirsem, öz ykbalymdan razy. Hudaýa müňde bir şükür. Özümi maksadyma ýeten, öz ili üçin gurban bolan şehit hasap etjek. Eger makul bilseňiz, şu oturan ýigitleri ýüzbaşy diýip hasaplap, her kim bolman-da özüne göwni ýetýän aşagy 18, ýokarysy 30 ýaşly ýigitlerden özüne nöker toplasyn. Özem onçakly uzaga çekmän, bir hepdäniň içinde şu işler amala aşyrylmaly. Meniň bu pikirimi Nurberdi han makullady, Gurbanmyrat işanam ak pata berdi. Meniň mütdetini gysgaldyp, bahymrak ýygnanşalyň diýmämiň sebäbi biziň obalarymyzdan-da her hili sypatda sümüsgenip ýören Agamämmediň jansyzlary bardyr. Eger ol talaňçy biziň şeýle matlabymyzyň bardygyny biläýse, her eder, bizi maksadymyza ýetirmän, öz öýjüklerimizde dagatmanyň ugruna çykar. Onda zadam bardyr, hilegärligem.

Garaz, her kim öz başardygyndan özüçe dogry diýip hasaplan pikirini orta atdy. Ol pikirleriň hemmesini gaty akylly pikir diýip, aýdyp boljak däldi. Ýöne ýigitleriň içinde akylly-başly, göwnejaý pikirleri orta atanlaram boldy. Şu mukaddes iş üçin janyny gaýgyrmajakdyklaryna Söýün erkejiň gözi ýetdi. Bu ýagdaýa guwanjyny daşyna çykarmasa-da, ýigitleriň bu boluşlaryna göwni ýetip gaty begendi. Ýöne ol begenjini daşyna çykarmady. Gaty begenen ýa-da gynanan zadyňy daşyňa çykarman, içiňde saklap bilmegem adamyň sarlydygyny, özüne gurp edip biljegini görkezýän ölçegdir. Beýle häsiýet nepesi ýerindäki parasatly adamlara mahsusdyr. Söýüniň durmuş tejribesi onçakly ýeterlik bolmasa-da, onda parasatly batyr serkerdelere mahsus bolan häsiýetleriň hemmesi bar diýen ýalydy. Söýün erkeç özüniň serdarlara mahsus bolan häsiýetlerini Agamämmediň ordasy bilen däl-de, käbir ownugrak galtamanlar bilen bolan çaknyşykda görkezipdi. Ol eýýäm şol söweşlerde ýönekeý nökeriň ýerinde özüniň batyrlygy, ýiti paýhasy bilen beýleki ýigitlerden mazaly tapawutlydygyny bildirdi. Gepe çeperligi, dilewarlygy bilenem ýüzüniň gürrüňdeşini geň galdyryp, üns berip diňlemäge mejbur edip bilýän ukyply adam hökmünde-de özüni tanadypdy. Gepiň gysgasy, ýygnanan ýigitlerem Söýün

erkeçden hoşal boldular.

(Dowamy bar)…

---

*[1] Bu 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwaryndaky Gökdepe galasynda bolan urşy göz öňünde tutulýar.*
*[2] Bu iki gaçyp barýana nebsiň agyrmaz ýaly däl. Bularyň öýlenip Gökdepe galasynyň tümünde nika gyýlanyna ýaňy üç gün bolupdyr. Maňa bu wakany jikme-jik aýdyp beren adam Atahan.*
*[3] Bu gün gyşyň ortaky aýylygyna garamazdan Hudaýtagalaň gudraty bilen bir yssy welin diýip aýdar ýaly däl.*
*[4] Zülpükar – rus patyşasynyň ilçisi Zinowýew dildüwşügiň netijesinde Gökdepäniň ilersindäki Germawyň üsti bilen 16 ýaşdan 30 ýaşa çenli saýlama teke gelin-gyzlarynyň bäş müňüni başy açyk, aýak ýalaňaç Eýrana sürüp äkiden Zülpükar Agamämmet hanyň pars heleýinden bolan oglumyş. Şonda ol men tekelerden kakam Agamämmediň aryny üzülişdim diýenmiş.*
*[5] Gün batanda garşydaşy ýeňlenini boýun alandan soň, ýeňen tarapyň ýolbaşçysy belli bir mütdetde eden etdilige ygtyýar berýär.*
*[6] Tüm duşmanyň topundan goranmak maksady bilen edilen ýerzemin.* Taryhy proza